**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Müdiriýetiniň Başlygynyň
2016-njy ýylyň 28-nji iýulyndaky
249-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy**

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan 2016-njy ýylyň 5-nji sentýabrynda
1012 san bilen bellige alyndy**

# Oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler ilatdan satyn alnanda hasaplaşyklary geçirmegiň TERTIBI

Şu, Oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler ilatdan satyn alnanda hasaplaşyklary geçirmegiň Tertibi (mundak beýläk – Tertip) «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip düzüldi hem-de ol, dahyllylar (dahylsyzlar) - ýuridik şahslar (olaryň şahamçalary, wekillikleri) (mundan beýläk – ýuridik şahslar) we dahyllylar (dahylsyzlar) - ýuridik şahsy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar (mundan beýläk – hususy telekeçiler) tarapyndan ilatdan oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler (mundan beýläk – oba hojalyk önümler) göni ýa-da hakyna tutulan fiziki şahslaryň üsti bilen satyn alnanda nagt we nagt däl pullarda hasaplaşyklary geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

## I. Şu Tertipde ulanylýan düşünjeler

1. Şu Tertibiň maksatlary üçin aşakdaky düşünjeler ulanylýar:

**pul:**

a) döwletde (döwletler toparynda) kanuny töleg serişdesi hökmünde kabul edilen we dolanyşykda duran banknotlar, gazna biletleri we şaýy pul görnüşindäki, şol sanda gymmat bahaly metallardan ýasalan pul belgileri (dolanyşykdan aýrylan ýa-da aýrylýan, emma dolanyşykda duran pul belgilerine çalşylmaga degişlilerini hem goşmak bilen);

b) döwletde (döwletler toparynda) kabul edilen pul birliklerindäki, şeýle hem halkara pul ýa-da hasaplaşyk birliklerindäki bank hasaplarynda (goýumlarynda) duran serişdeler;

**milli pul** - hasaplaşyklarda we töleglerde ulanylmagy üçin Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan dolanyşyga goýberilýän Türkmenistanyň puly;

**daşary ýurt puly** - daşary ýurt döwletiniň puly, şeýle hem halkara pul ýa-da hasaplaşyk birlikleri;

**nagt pul** – şu bölümiň «a» kiçi bendinde görkezilen görnüşdäki milli ýa-da daşary ýurt pullar;

**nagt däl pul** – şu bölümiň «b» kiçi bendinde görkezilen görnüşdäki milli ýa-da daşary ýurt pullar;

**bank güni** – bankda müşderileri kabul etmek we olara hyzmat etmek, bank amallaryny ýerine ýetirmek üçin bölünip berilýän döwür;

**oba hojalyk önümler** – Türkmenistanyň çäginde ekerançylygyň ýa-da maldarçylygyň netijesinde alnan islendik oba hojalyk önümleriniň (şol sanda gülçülik we bal arysyny saklamak) tebigy ýa-da gaýtadan işlenen görnüşleri, şeýle-de Türkmenistanyň çäginde ösdürilip ýetişdirilen ýa-da ýabany ösýän miweleriň, hozlaryň, kömelekleriň, tohumlaryň, derman ösümlikleriň, aw önümleriň, balyklaryň tebigy ýa-da gaýtadan işlenen görnüşleri;

**satyn alyjy** – telekeçilik maksatlary üçin oba hojalyk önümlerini ilatdan satyn alýan ýuridik şahs ýa-da hususy telekeçi;

**taýýarlaýjy** – oba hojalyk önümleri ilatdan satyn aldyrmak üçin satyn alyjy tarapyndan zähmet ylalaşygy (şertnamasy) ýa-da raýat-hukuk häsiýetli ylalaşyk boýunça hakyna tutulan fiziki şahs;

**tabşyryjy (satyjy)** – satyn alyja ýa-da taýýarlaýja ilatyň içinden oba hojalyk önümleri tabşyrýan (satýan) fiziki şahs;

**bölek satuw bazar nyrhlar** – döwlet statistika edaralaryň resmi statistiki habarlary boýunça wagtyň anyk pursaty ýa-da döwri üçin harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) umumylaşdyrylan ortaça bölek satuw bazar nyrhlary;

**satyn alyş nyrhlar** – oba hojalyk önümler kabul edilende-tabşyrylanda (satyn alnanda-satylanda) satyn alyjynyň bölek satuw bazar nyrhlaryndan ýokary geçmeýän özbaşdak bellän nyrhlarynyň çäklerinde onuň özüniň ýa-da taýýarlaýjynyň tabşyryjy (satyjy) bilen ylalaşylan satyn alyş nyrhlary, muňa şeýle harytlar babatynda bahalaryň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän halatlary degişli däldir.

2. Şu Tertipde ulanylýan ähli gaýry düşünjeler, olara «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda berilýän manyny aňladýar.

## II. Umumy düzgünler

3. Satyn alyjylar telekeçilik maksatlary üçin oba hojalyk önümleri ilatdan göni özleri ýa-da taýýarlaýjylaryň üsti bilen satyn alýarlar.

4. Satyn alyjylar ilatdan göni özleriniň satyn alýan oba hojalyk önümleri üçin ilata tölenmeli girdejileri tabşyryjylaryň (satyjylaryň) bank hasaplaryna nagt däl pullarda geçirýärler.

Oba hojalyk önümleri ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen satyn alýan satyn alyjylar hasaplamalaryň esasynda taýýarlaýjylara soň hasabat bermek şerti bilen nagt we (ýa-da) nagt däl görnüşde hakujy pullaryny berýärler ýa-da öwezini doluş pullaryny töleýärler. Ol pullara taýýarlaýjylar satyn alyjylaryň adyndan tabşyryjylardan (satyjylardan) oba hojalyk önümlerini satyn alýarlar.

5. Satyn alyjylar tabşyryjylar (satyjylar) bilen hasaplaşyklarda we taýýarlaýjylar üçin hasaplamalarda, ilatdan satyn alnyýan oba hojalyk önümleriň hiline görä kesgitlenen tapawutly satyn alyş nyrhlary ulanýarlar.

6. Oba hojalyk önümler ilatdan satyn alnanda taýýarlaýjylara bermek üçin nagt pullaryň zerur bolan ýagdaýynda, satyn alyjylar hasaplamalaryň esasynda nagt pullary almak üçin olara hyzmat edýän ygtyýarly karz edaralara ýüzlenmäge hukuklydyrlar.

7. Şu Tertipde bellenilen amallaryň daşary ýurt pulunda geçirilmegi, Türkmenistanyň puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek babatdaky kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrylýar.

## III. Oba hojalyk önümleri ilatdan satyn almak üçin üpjünçiligiň kadalary

8. Satyn alyjylar oba hojalyk önümleri ilatdan satyn aldyrmak üçin özleriniň jogapkär işgärlerini, şeýle hem taýýarlaýjylary şu aşakdaky görkezilenler bilen üpjün edýärler:

a) belgilenen töleg hatlaryň resmi kagyzlary (blankalary);

b) satyn alyş nyrhlar barada resminamalaryň satyn alyjy tarapyndan tassyk edilen nusgalary;

ç) standartlaşdyrmak babatda ygtyýarly edaranyň tehniki talaplaryna laýyk gelýän agram-ölçeg enjamlary.

9. Oba hojalyk önümler ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen satyn alnanda satyn alyjylar taýýarlaýjylary soň hasabat bermek şerti bilen nagt we (ýa-da) nagt däl görnüşindäki zerur bolan hakujy pullar bilen üpjün edýärler.

Şunda, taýýarlaýjylar alan hakujy pullary boýunça hasabaty satyn alyjylara 10(On) senenama

günüň dowamynda berýärler. Satyn alyjylara hasabat bermedik we (ýa-da) oba hojalyk önümlerini tabşyrmadyk taýýarlaýjylar täzeden hakujy pullar bilen üpjün edilmeýärler.

## IV. Oba hojalyk önümler ilatdan satyn alnanda töleg hatlaryň resmileşdirilişi

10. Oba hojalyk önümler ilatdan satyn alnanda satyn alyjynyň adyndan onuň jogapkär işgäri ýa-da taýýarlaýjy tarapyndan şu Tertibiň 1-nji goşundysyndaky görnüşde her bir tabşyryjy (satyjy) boýunça 2(Iki) nusgada töleg haty resmileşdirilýär, onda şular görkezilýär:

1) töleg hatynyň belgisi we ýazylan senesi;

2) satyn alyjynyň ady we salgysy;

3) satyn alynýan oba hojalyk önümiň ady, hili, ölçeg birligi, möçberi, bir ölçeg birligi üçin ulanylýan satyn alyş nyrhy, şeýle-de möçberi satyn alyş nyrhyna köpeldip alynýan umumy bahasy;

4) töleg haty boýunça tölenýän pullaryň görnüşi (nagt pul taýýarlaýjynyň üsti bilen ýa-da nagt däl pul), birligi (milli ýa-da daşary ýurt pul) we jemi;

5) tabşyryjynyň (satyjynyň) familiýasy, ady, atasynyň ady, şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň (pasport, harby bilet, ýaşamak üçin ygtyýarnama we ş.m.) maglumatlary we dahylly ýurdy (salgysy);

6) satyn alyjynyň jogapkär işgäriniň ýa-da taýýarlaýjynyň familiýasy, ady, atasynyň ady;

7) beýleki zerur maglumatlar.

11. Töleg hatynda:

a) islendik ýagdaýda, tabşyryjy (satyjy) oba hojalyk önümlerini satyn alyja tabşyrandygy (satandygy), satyn alyjynyň jogapkär işgäri ýa-da taýýarlaýjy bolsa, - satyn alyjynyň adyndan oba hojalyk önümlerini tabşyryjydan (satyjydan) kabul edendigi barada;

b) satyn alynýan oba hojalyk önümler üçin nagt pullar bilen hasaplaşylan halatynda, taýýarlaýjy nagt pullary tabşyryja (satyja) berendigi, tabşyryjy (satyjy) bolsa, - nagt pullary taýýarlaýjydan alandygy barada gol çekýärler.

12. Resmileşdirilen töleg hatynyň bir nusgasy satyn alyja hasabat bermek üçin onuň jogapkär işgärinde ýa-da taýýarlaýjyda galýar, ikinjisi bolsa tabşyryja (satyja) berilýär.

## V. Ilatdan satyn alnan oba hojalyk önümleri barada satyn alyja onuň jogapkär işgäriniň ýa-da taýýarlaýjynyň berýän hasabaty

13. Satyn alyjynyň jogapkär işgäri ýa-da taýýarlaýjy, resmileşdirilen töleg hatlarynyň nusgalary boýunça satyn alyja hasabat bermek üçin şu Tertibiň 2-nji goşundysyndaky görnüşde satyn alyjynyň adyndan ilatdan satyn alnan oba hojalyk önümleri barada sanaw (reýestr) düzýär. Sanawda (reýestrde), satyn alynan oba hojalyk önümleriň atlary, hilleri, ölçeg birlikleri, möçberleri, ortaça satyn alyş nyrhlary, umumy bahalary, töleg hatlary boýunça tölenen (tölenmeli) pullaryň görnüşleri (nagt pul taýýarlaýjynyň üsti bilen ýa-da nagt däl pul), birlikleri (milli ýa-da daşary ýurt pul) we umumy jemi görkezilýär.

14. Resmileşdirilen töleg hatlary we olaryň esasynda düzülen sanawy (reýestri) satyn alyjy jogapkär işgäriniň ýa-da taýýarlaýjynyň onuň öňünde berýän hasabaty hökmünde kabul edýär.

15. Satyn alyjy onuň jogapkär işgäriniň beren hasabatyndaky her bir tabşyryjynyň (satyjynyň) bank hasabyna nagt däl pullary geçirýär. Ol geçirilýän nagt däl pullaryň umumy jemi berilen hasabatyň umumy jemi bilen çäklendirilýär.

16. Taýýarlaýjynyň beren hasabatynyň umumy jemine satyn alyjy tarapyndan şu aşakdaky amallar ýerine ýetirilýär:

a) eger-de taýýarlaýjy hakujy pullar bilen öň üpjün edilen bolsa, onda satyn alyjynyň şol hakujy pullardaky algysy azaldylýar;

b) eger-de, taýýarlaýjy hakujy pullar bilen öň üpjün edilmedik bolsa, onda taýýarlaýja öwezini doluş pullary tölenilýär.

## VI. Hyzmat edýän ygtyýarly karz edaralar tarapyndan oba hojalyk önümleri ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen satyn alýan satyn alyjylara nagt pullaryň berilmegi

17. Hyzmat edýän ygtyýarly karz edaralar oba hojalyk önümleri ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen satyn alýan satyn alyjylara beriljek nagt pullaryň möçberini, olaryň hasaplamalaryna laýyklykda deslapdan meýilleşdirýärler.

18. Satyn alyjylar islendik çärýegiň dowamynda ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen nagt pullara satyn alynjak oba hojalyk önümleriň mukdary barada maglumaty şu Tertibiň 3-nji goşundysyndaky görnüşde hyzmat edýän ygtyýarly karz edarasyna deslapdan tabşyrýarlar hem-de zerurlyga görä oňa gaýtadan seredip bilýärler. Ol maglumaty bermedik satyn alyjylara hyzmat edýän ygtyýarly karz edaralar oba hojalyk önümleri ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen satyn almak üçin nagt pullaryň berilmegini togtadyp biler.

19. Satyn alyjylar aýma-aý, hasabat aýyndan soňky aýyň 5-inden gijä galman şu Tertibiň 4-nji goşundydaky görnüşde ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen oba hojalyk önümleri satyn almak üçin hyzmat edýän ygtyýarly karz edarasyndan alnan nagt pullaryň bellenen aýda ulanylyşy barada güwänamany, resmileşdirilen töleg hatlar we olaryň esasynda düzülen sanawlar (reýestrler) bilen bilelikde hyzmat edýän ygtyýarly karz edaralaryna berýärler.

20. Satyn alyjylar hyzmat edýän ygtyýarly karz edaralara berýän maglumatlarynyň dogrulygy üçin jogapkärçilik çekýärler.

## VII. Oba hojalyk önümleri ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen satyn alýan satyn alyjylaryň işine gözegçilik

21. Hyzmat edýän ygtyýarly karz edaralar yzygiderli oba hojalyk önümleri ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen nagt pullara satyn alýan satyn alyjylarda, her bir çärýekde azyndan 1(bir) gezek, möwsümleýin işleýänlerde bolsa - bir ýylyň dowamynda azyndan 1(bir) gezek oba hojalyk önümlerini ilatdan satyn almak üçin berlen nagt pullaryň maksadalaýyk ulanylyşy barada barlaglary geçirýärler.

22. Barlaglaryň dowamynda ýüze çykarylan düzgün bozulmalar, şeýle-de olaryň döremegine sebäp bolan şertler, satyn alyjylar tarapyndan hökmany suratda aradan aýrylmaga degişlidir.

23. Berlen nagt pullaryň ulanylyşynda düzgün bozulmalar ýüze çykarylan ýagdaýynda, hyzmat edýän ygtyýarly karz edaralar şu çäreleri görýärler:

- satyn alyjylar tarapyndan nagt pullaryň maksadalaýyk ulanylmandygy hakynda güwänama düzýärler;
- düzülen güwänamany we ýüze çykarylan düzgün bozulmalar boýunça beýleki maglumatlary Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugyna geçirýärler;
- düzgün bozulmalar doly aradan aýrylýança ýa-da 3 (üç) aýa çenli möhlet bilen satyn alyjylara nagt pullaryň berilmegini togtadýarlar.

Oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler
ilatdan satyn alnanda hasaplaşyklary
geçirmegiň Tertibine **1-nji Goşundy**

| Oba hojalyk önümler ilatdan satyn alnanda satyn alyjynyň adyndan onuň jogapkär işgäri ýa-da taýýarlaýjy tarapyndan her bir tabşyryjy (satyjy) boýunça 2 (iki) nusgada resmileşdirilýär | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1) | ___________________ **belgili T Ö L E G  H A T Y*** <br> "_____" _______________ 20 __ ýyl | | | | | |
| 2) | **S a t y n  a l y j y n y ň  a d y  w e  s a l g y s y:** | | | | | |
| 3) | **Tabşyryjydan (satyjydan) s a t y n  a l y n ý a n  o b a  h o j a l y k  ö n ü m l e r i:** | | | | | |
| T/b | **Ady** | **Hili** | **Ölçeg birligi** | **möçberi** | **satyn alyş nyrhy** (bir ölç.birl.üçin) | **umumy bahasy (5X6)** |
| 1 | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| 4) | **Satyn alyjynyň adyndan tabşyryja (satyja) t ö l e n ý ä n  p u l l a r:** | | | | | |
| T/b | **p u l  g ö r n ü ş i** (nagt pul taýýarlaýjynyň üsti b/n ýa-da nagt däl pul) | | | **p u l  b i r l i g i** (milli ýa-da daşary ýurt pulunda) | | **J e m i** |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | nagt däl pullar üçin - tabşyryjynyň (satyjynyň) bank maglumatlary | | | daşary ýurt pullar üçin - şol sanda esas | | j e m i  s a n  b i l e n |
| | | | | | | |
| | | | | | | |
| | jemi söz bilen | | | | | |
| 5) | **Tabşyryjynyň (satyjynyň)** | | | | | |
| | | f a m i l i ý a s y,  a d y,  a t a s y n y ň  a d y | | | | şahsy goly |
| | şahsyýetini tassyklaýan resminamasynyň maglumatlary | ________________________ | | ________ | №____________ | ____/____/____ ý. |
| | | ady | | tapgyry | belgisi | senesi |
| | dahylly ýurdy (salgysy) | | | | | |
| 6) | **Satyn alyjynyň jogapkär işgäri ýa-da taýýarlaýjy** (degişlisiniň aşagy çyzylýar) | | | | | |
| | | f a m i l i ý a s y,  a d y,  a t a s y n y ň  a d y | | | | ş a h s y  g o l y |
| 7) | Beýleki zerur maglumatlar: | | | | | |
| | | | | | | |
| | | | | | | |

**Bellik:** * Resmileşdirilen töleg hatynyň bir nusgasy satyn alyja hasabat bermek üçin onuň jogapkär işgärinde ýa-da taýýarlaýjyda galýar, ikinjisi bolsa - tabşyryja (satyja) berilýär.

Oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler
ilatdan satyn alnanda hasaplaşyklary
geçirmegiň Tertibine **2-nji Goşundy**

________________________________________

________________________________________
satyn alyjynyň ady we salgysy

_____/_____/______ý. sene bilen ____/____/____ ý. sene aralykda satyn alyjynyň adyndan ilatdan satyn alnan oba hojalyk önümler barada

**SANAW (reýestr)***

**Satyn alyjynyň jogapkär işgäri ýa-da taýýarlaýjy** ____________________________________
familiýasy, ady, atasynyň ady

**Tabşyryjylardan (satyjalardan) satyn alnan oba hojalyk önümler:**

| T/b | **Ady** | **Hili** | **Ölçeg birligi** | **Möçberi** | **Ortaça satyn alyş nyrhy** (bir ölç.birl.üçin) (7/5) | **Umumy bahasy** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** |
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| :<br>: | | | | | | |
| n | | | | | | |

| **Satyn alyjynyň adyndan tabşyryja (satyja) tölenen (tölenmeli) pullar:** | | | |
|---|---|---|---|
| T/b | **pul görnüşi** (nagt pul taýýarlaýjynyň üsti b/n ýa-da nagt däl pul) | **pul birligi** (milli ýa-da daşary ýurt pulunda) | **Jemi** |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | öwezini doluş nagt däl pullar üçin - tabşyryjynyň bank maglumatlary | daşary ýurt pullar üçin - şol sanda esas | jemi san bilen |
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | jemi söz bilen | | |

**Satyn alyjynyň jogapkär işgäri ýa-da taýýarlaýjy** ____________________ ____/____/**20__ýyl**
şahsy goly sene

**Bellik:** * Şu Sanawa (Reýestre) oba hojalyk önümler ilatdan satyn alnanda resmileşdirilen töleg hatlarynyň bir nusgalary goşulýar.

Oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler
ilatdan satyn alnanda hasaplaşyklary
geçirmegiň Tertibine **3-nji Goşundy**

**20___-nji (-njy) ýylyň ____ çärýeginde**
**ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen nagt pullara satyn alynjak**
**oba hojalyk önümleriň mukdary barada**
**MAGLUMAT***

Satyn alyjy ______________________________
Hyzmat edýän ygtyýarly karz edara ______________________________

| T/b | Çärýegiň görkezijileri | <pul birligi> |
|---|---|---|
| 1 | Ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen nagt pullara satyn alynjak oba hojalyk önümleriň meýilnamasy | |
| 2 | Satyn alyjynyň kassasyna gelmegine garaşylýan nagt pullaryň möçberi (bulara, ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin hyzmat edýän ygtyýarly karz edarasyndan alnan nagt pullar girmeýär) | |
| 3 | Satyn alyja taýýarlaýjylar bilen hasaplaşmak üçin zerur bolan nagt pullaryň möçberi (1-nji setir - 2-nji setir) şol sanda, zerur nagt pullaryň möçberi | |
| 3.1 | her aýa (3-nji setir: 3 aý) | |
| 3.2 | her güne (3.1-nji setir: 30 gün) | |

Satyn alyjynyň adyndan:

Ýolbaşçy______________________________
(F.A.Aa, goly)

Baş hasapçy______________________________
(F.A.Aa, goly)

Hyzmat edýän ygtyýarly karz edaranyň adyndan:

Ýolbaşçysy______________________________
(F.A.Aa, goly)

Ýerine ýetiriji______________________________
(F.A.Aa, goly)

**Bellik:** * Şu maglumata ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen nagt pullara satyn alynjak oba hojalyk önümleriň görnüşleri we toparlary boýunça aýdyňlaşdyrma goşulýar.

Oba hojalyk we şoňa meňzeş önümler
ilatdan satyn alnanda hasaplaşyklary
geçirmegiň Tertibine **4-nji Goşundy**

**Ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin hyzmat edýän ygtyýarly karz edarasyndan alnan nagt pullaryň 20 __-nji (-njy) ýylyň _______ aýynda ulanylyşy barada**

**GÜWÄNAMA**

Satyn alyjy ____________________________________________

Hyzmat edýän ygtyýarly karz edara _____________________________

| T/b | Aýyň görkezijileri | <pul birligi> |
|---|---|---|
| 1 | Aýyň başyna satyn alyjynyň kassasynda ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin niýetlenen nagt pullaryň galyndysy | |
| 2 | Aýyň dowamynda ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin satyn alyjynyň hyzmat edýän ygtyýarly karz edarasyndan alan nagt pullary | |
| 3 | Ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin satyn alyjynyň kassasynda aýyň başyna duran we aýyň dowamynda hyzmat edýän ygtyýarly karz edarasyndan alan nagt pullarynyň jemi (1-nji setir + 2-nji setir) | |
| 4 | Aýyň dowamynda satyn alyjynyň ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin harçlan nagt pullarynyň möçberi* | |
| 5 | Aýyň ahyrynda satyn alyjynyň kassasynda ilatdan taýýarlaýjylaryň üsti bilen oba hojalyk önümlerini satyn almak üçin niýetlenen nagt pullarynyň galyndysy | |
| 6 | Niýetlenilişine görä ulanylmadyk nagt pullaryň möçberi (3-nji setir - 4-nji setir - 5-nji setir) | |

Satyn alyjynyň adyndan:

Ýolbaşçy____________________________________________

(F.A.Aa, goly)

Baş hasapçy__________________________________________

(F.A.Aa, goly)

**Bellik:** * Şu güwänamanyň 4-nji setirinde görkezilýän nagt pullaryň möçberine şu aşakdaky resminamalaryň satyn alyjy tarapyndan tassyk edilen nusgalary goşulýar, şol sanda:

a) soň hasabat bermek şerti bilen hakujy pullar berilende - hasaplamalar;

b) hakujy pullardaky algylar azaldylanda ýa-da öwezini doluş pullar tölenende - resmileşdirilen töleg hatlar we olaryň esasynda düzülen sanawlar (reýestrler).